Halkymyzyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary» kitabynda: «Ilat arasyndaky keselçiligiň öňüni almak üçin adamlaryň sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermegi, ýagny kadaly iýmitlenmegi, zyýanly endiklerden daşda durmagy, zähmet bilen dynç alşy sazlaşykly alyp barmagy, ruhy taýdan sagdynlygy, arassa howada işjeň hereket etmegi we sport bilen yzygider meşgullanmagy zerur hasaplanýar» diýlip bellenilýär. Nazary bilimleri, täze tehnologiýalaryň we amaly lukmançylygyň aýratynlyklaryny öz içine alýan ylym bolan «Gigiýena» ylmy, ýokary bilimli lukmanlary taýýarlamak ulgamynda wajyp orny eýeleýär.

**Gigiýena ylmy** – bu keselleriň öňüni alyş ylmy bolup, lukmançylykda uly orny eýeleýär. Ol bedeni gurşap alan daşky täsirleriň, durmuşyň sosial we tebigy şertleriniň saglyga bolan täsirini öwrenýär. Gigiýenanyň wezipesi daşky gurşawyň döredýän näsazlyklarynyň öňüni almakdaky geçirilýän çärelerini ylmy esasda düzmekden, ilatyň kesellemegini çürt-kesik azaltmakdan we saglyk ýagdaýyny gowulandyrmakdan ybaratdyr. Lukman, hünärine garamazdan, öz gündelik işinde keselleriň öňüni alyş çäreleri amal etmegiň hötdesinden gelmegi başarmalydyr. Lukman öz näsagyna gözegçilik edende, onuň iş we ýaşaýyş şertlerine doly göz ýetirip, bejeriş işlerini gurşaw bilen baglanyşdyryp geçirende, amala aşyrýan bejergisiniň has üstünlikli bolmagyna ýardam edýär.

Kesellini bejermek – munuň özi, ilki bilen, kesselliniň gigiýenasyny berjaý etmekdir, onuň şahsy aýratynlyklaryny göz öňünde tutmakdyr. Gigiýena degişli esasy maglumatlar: howa, suw, toprak gigiýenasy, iýmit, zähmet şertleriniň aýratynlyklary, çagalaryň we ýetginjekleriň gigiýenasy, bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň gigiýenasy, şahsy gigiýena baradaky häzirki zaman maglumatlary beýan edilýär. Häzirki zamanda durmuş, ýaşaýyş şertleri örän tiz özgerýär. Durmuşda kärhana paýdarlary (aksionerleri), kooperatiwler, kiçi kärhanalar tarapyndan sanitariýa-gigiýeniki talaplarynyň doly berjaý edilmeýän ýagdaýlaryna duş gelinýär. Bu bolsa lukmançylyk işgärleriniň keselleriň öňüni alyş çärelerinde sanitariýa hüşgärliginiň berkidilmegini talap edýär. Esasan-da, oba we şäher ilatly ýerleriň abadanlaşdyrylmagynda, ýaşaýyş we iş şertleriniň gowulandyrylmagynda, iýmit üpjünçiliginde ylmy-gigiýeniki talaplar berjaý edilende, säwlikleriň bolmazlygyny gazanmak gerek.

Durmuş – ykdysady şertler adam üçin wajyp bolup, tebigy täsirler, adamlaryň zähmet şertinde duşýan önümçilik ýagdaýlar, iýmit aýratynlyklary, ýaşaýyş – durmuş şertleri saglygy kesgitleýji alamatlardyr. Durmuş-ykdysady ýetmezçilikli maşgalalarda, ilatlarda, obalarda dürli durmuş keselleri köp duşýar.

Keselleriň aglabasynyň durmuş-ykdysady sebäplerden gelip çykýandygyny N.A.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024

Semaşko belläp geçipdi. Şu babatda diňe keseli anyklamak, bejermek ýeterlik bolman, keselleriň öňüni almak, ol kesellininiň durmuş-ykdysady şertlerini gowulandyrmak hem zerurdyr.

Saglygy goramak, berkitmek diňe lukmançylyga degişli bolman, ol durmuş meseleleri hem bolup durýar. Adam diňe gurşap alan täsirleriň pidasy bolman, ol daşky gurşawy özgerdýär we saglygy goramak üçin zähmet, durmuş şertlerini gowulandyrýar.

**Arassaçylyk – saglygyň girewidir! Saglygyň gadryny ýaşlykdan biliň!**

**Artykow Mekan**
**Türkmenistanyň inžener**
**tehniki we ulag kommunikasiýalar**
**institutynyň talyby**

Все права защищены
save pdf date >>> 24.11.2024